# Içine gan giren söýgi we bu söýgüden çykan ders!

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 24 января, 2025
Içine gan giren söýgi we bu söýgüden çykan ders! IÇINE GAN GIREN SÖÝGI we BU SÖÝGÜDEN ÇYKAN DERS!




Birnäçe gezek ýurduň paýtagtynda «girdenek bilen döwüň urşy» bolup geçdi, gördük: Bagdatda, Kabulda, Damaskda, Ierusalimde, Hanoýda, Tripolide … Dördünji güne girdik. Şol bir zat Kiýewde…
Yer bilen gök birleşdi.
Ölüm ýagýar.
Ilki şäherler dört möhüm nokatdan urulýar: Elektrik bekedi. Hassahana. Harby baza. Şäheriň baş köprüsi. Soňra bombalama gezegi raýatlaryň ýaşaýan jaýlaryna gelýär.
Bir ýanyna çöken binalar. Üst-üstüne opurylan gatlar. Bölek-büçek balkonlar.
Gapy, penjire, aýna, alýumin profil, demir, beton plitalaryň içinden halas edilip gaçybatalgalara alynan mekdep okuwçylary…
Ýurduň gündogaryndan günbataryna jan gaýgysy… Goňşy ýurtlara sygynmak isleýänler üçin otly wagonlarynda ýer tapmak üçin ylgaşlaýan gujagy bäbekli aýallar.
Kiýew direnýär.
Negadar? Nirä çenli?
Eziji ot açyjy güýjüniň agdykdygyna garamazdan rus goşuny Kiýewi bir hepde-on günüň dowamynda ele geçirmese, Putiniň emri bilen döwrä «bombalaryň atasyny-da» soup biler diýýärler. ABŞ Owganystanda ulanypdy. Russiýa şimdi wakum bombany Kiýewde ulanyp biler. Ýadro bombasynyň ýykgynçylygyny döredýän,

gyzgynlyga çydamly basyş bilen işleýän we «öleniň jesedini buga öwrüp taşlaýan, ölmän diri galanyň bagryna gan öýdürýän wakum bombalary-da» Kiýewiň üstüne ýagyp biler.
* * *

Kepillik gelipdi.
Ony her dürli howp-hatardan, bela-beterden, her dürli ýykgynçylykdan gorap biljek epesi, ýol görkezijisi, gujak açyp durany, söýýäni bardy. Edil bir ýaşly çaganyň eje ynamyna ýapyşyşy ýaly Kiýewde Waşingtony, Londony, Berlini, Pariži, Rimini ynamdar saýyp, olaryň eteginden ýapyşypdy. Kiýew gansyz-pyçaksyz öňki parçasy Moskwadan gopup, günbatarly täze söýgülisine aşyk bolupdy.
Söýgüsine çokunýardy.
Diýseň ynanýardy.
Gürrüňsiz!
Goýberäýmezler!
Hiç haçan!
Terk edäýmezler.
Kiýewi Moskwa iýdirmez, gorarlar duýgusyna mäkäm ýapyşypdy. Bu duýgy bilen ýaşaýşyň kynçylyklaryna garşy döş gerip biljekdigine ynanypdy. Gözleýärdi, howp alýardy, günbatar gymmatlyklaryny açýardy, täze söýgüsine uýgunlaşmak üçin gülüp-oýnap özüne ýewropa durmuşyny gurýardy. Gülküli teleserial artistinden özüne ýolbaşçy saýlap alypdy. Özi ýaly Ýewropa aşyk bolanlar, mysal üçin, Polşq, Wengeriýa, Çehiýa, Latwiýa, Litwa, Estoniýa yzly-yzyna NATO-nyň düzümine alnypdy. Moskwa bu gopuşlara gaharlananam bolsa, ahyrynda razy bolupdy. Günbatarly söýgüli Moskwany «Ýewropanyň benzinçisi» edipdi.
Ýewropa tebigy gazyň 40%-ni, nebitiň 25%-ni Russiýadan alýardy. Aýratynam dünýädäki ähli zawod-fabrikleriň dirilik suwy gaz-nebitiň üpjün edijisi-de ýene Russiýady. Russiýa Günbataryň töleg ulgamy bolan Swift-den peýdalanýardy. Putiniň ogrular režiminiň döreden oligarhlary Ýewropanyň futbol klublaryny satyn alýardy. Şeýle rahatlykda, ine, Kiýewem Ýewropanyň magnawy suprasy, ekinçisi we «nan sebeti» bolýardy. Ukraina bugdaý, jöwen, günebakar önümçiligi bilen Ýewropany we

Ýakyn Gündogary üpjün edip biljek derejä ýetmegi maksat edinipdi.

* * *

Söýgüsi galp çykdy.
Maksatlary çökdi.
Kiýew ýeke galdy.
Ukraina buthananyñ howlusyna taşlanan gundagdaky bäbek mysaly Putiniñ eziji ot açyjy güýjüne bir başyna taşlandy.
Putin Kiýewe «Sen meniñ ganymdan, parçamdansyñ. Sen ýalñyş adam Günbatara aşyk bolduñ. Sen Ýewropa bileleşigine gaçyp bilmersiñ. Olar seni aldap, alyp gaçyp, aslynda meni peseldýärler. Seni saçyñdan süýräp yzyña getirerin. Ýa meñki bolup galarsyñ, ýa-da gara ýeriñki borsuñ. Agyryña çydasañ müñ ýaşa, günüñi gör indi. Ukrainany ýok ederin» diýýärdi. Ukraina dördünji gününe girende ene-atasy tarapyndan taşlanan we bularyñ ýerini tutup biljek hiç kimsesi ýok çaganyñ biçäreligine gark boldy.

* * *

Kiýew ýanýar.
Täze söýgülisi Günbatar Kiýewi ýeke goýdy. ABŞ-nyñ Prezidenti «Rus okkupasiýasyny serpikdirmek üçin Ukraina 350 million dollar gorag kömegini berjekdigini» mälim etdi. Beýleki ÝB ýurtlary-da ýarag kömegini ýollaýarlar. Girdenek öz söýgüsini äpet döwüñ gazabyna garşy bir özi goramaga terk edildi.
Ýarag ugradan bolup, tomaşa edýärler.
Kiýewi «ýa meniñki borsuñ, gara ýeriñki» diýen öñki gözsüz batyr belalysynyñ öñüne atdylar. Türkiýäniñ soñy gan bilen gutaran söýgüden almaly dersi bar. Bu ders “İstiklal-i Tam Olma” (Doly garaşsyzlyk) günlerine dolanyp gelmekdir. Doly garaşsyzlyk – Türkiýäniñ Milli azat-edijilik urşundan soñ özbaşdak we hiç kime mätäç bolmazdan bar bolup bilen, milli agalygy ykdysady agalyk bilen berkitmek maksadyny goýan» baş prinsipdir.
Seret, Kiýewiñ halyna!

Al dersiñi!

Nejati DOGRU.

«SÖZCÜ» gazeti, 27.02.2022 ý. Publisisistika